# …Men seni söýmedim görmegiň üçin

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
…Men seni söýmedim görmegiň üçin …MEN SENI SÖÝMEDIM GÖRMEGIÑ ÜÇIN

Göwnün tapjak bolup geçegçi günleň,
Ýalan dünýäň ýanan umydyn dörme.
Men seni söýmedim görmegiň üçin,
Gerek däl, artykmaç bezenip ýörme.

Gijäň gara saçyn daranda ak Aý,
Yşk kölüňde ýüzsem,bolup men guwwas.
Men seni söýmedim gözleriň üçin,
Kirpikleň kürek bor, gollarma kuwwat.

Sözleriň söýgime bakylyk berer.
Kalbymda düşlände yşkyň durnasy,
Men seni söýmedim sözleriň üçin,
Söýgiňdendir günleñ gülüp durmasy.

…Men seni söýmedim görmegiñ üçin,
Men seni söýmedim gözleriň üçin,
Men seni söýmedim sözleriň üçin,
Söýdüm diňe SENI söýenim üçin,
Söýdüm diňe meni söýmegiñ üçin!

Nury SAKÇYÝEW. Goşgular